# Bakuwda ýerleşýän Türk Söwda Merkezinde Türkmenistana degişli pawilýon açylyp bilner

Türkmenistan bilen Bakuwdaky Türk Söwda Merkezi arasynda özara düşünişmek hakynda Memorandumyň gol çekilmegi meýilleşdirilýär, onuň çäginde Türkmenistana degişli pawilýonyň açylmagy göz öňünde tutulýar.

Bu barada “Report” habar gullugyna Türk Söwda Merkeziniň direktory Ylmaz Okukly žurnalistlere mälim etdi.

Onuň aýtmagyna görä, Türkmenistana degişli pawilýon üçin ýörite ýer eýýäm bölünip berlipdir. Azerbeýjan üçin niýetlenen pawilýonda bolsa Ykdysadyýet ministrligi, Kiçi we orta telekeçilik ösüş agentligi hem-de eksport we maýa goýumlary ösdürmek agentligi görkeziler. Umuman, döwletler Türk Söwda Merkezinde ilçihanalaryň araçylygy arkaly görkezilýär diýip, Okukly belledi.

Ol Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Türkmenistanyň, Türkiýäniň we Özbegistanyň pawilýonlarynyň Türk Söwda Merkezinde açylmagynyň türki döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge möhüm goşant goşjakdygyny nygtady.

Все права защищены